# Watan we Watan söýgüsi hakynda

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Watan we Watan söýgüsi hakynda

WATAN WE WATAN SÖÝGÜSI HAKYNDA

– Milli däp-dessurlara, öz ata-eneleriñe çuññur hormat-sarpa goýmak, üstünlikler gazanmakda yhlaslylyk görkezmek, tutanýerli zähmet, ýokary watançylyk we öz Watanyñy hem-de halkyñy söýmek ýaşlaryñ mukaddes borjudyr.

– Ata-babalarymyzyñ arzuwlan, ýürekden söýen, döş gerip goran mukaddes ata Watany – Garaşsyz Türkmenistan her birimiz üçin ezizdir, onuñ şan-şöhratyny belende götermek uly borçdur. Beýik Galkynyş eýýamynda Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan biziñ söýgümize beslenmelidir, watançylyk duýgymyz bilen mäkäm goralmalydyr.

– Watansöýüjilik, mertlik, edermenlik türkmen halkynyñ buýsanjydyr.

– Taryhyñ dürli eýýamlarynda türkmen halky Watanyny döş gerip goramagy başarypdyr.

– Ata Watany goramak, halkymyza wepaly gulluk etmek ähli zatdan belentde durýan borçlardyr.

– Türkmen halky Watanyna ygrarly, ynsanperwer, adalatly, sahawatly, sabyr-kanagatly hem-de dostuna wepaly halkdyr. Türkmenler bütin durky bilen Watan mukaddesligine uýýan, göbek gany daman topragyny janyndan ileri tutýan milletdir.

– Men ata-babalarymyzyñ şan-şöhratyna mynasyp işleri bitirip, Garaşsyz Watanymyzyñ taryhyna ajaýyp sahypalary ýazjakdygymyza berk ynanýaryn.

– Harby gulluk tamamlansa hem Watana gulluk tamamlanmaýar. Şonuň üçin-de esger hakyky Watan ogly bolmalydyr.

– Adatça, mertler Watany beýgeldýändir, Watan bolsa mertleri beýgeldýändir.

– Mähriban topragymyzda parahatçylygy we rahatlygy gözüň göreji ýaly gorap saklamaly.

– Goý, Watan ogullarynyň gahrymançylygy nesillerden nesile geçip, ebedilik ýaşasyn!

– Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr.

– Watan goragynda är işini bitiren serdarlaryň, gerçekleriň, batyrlaryň, gahrymanlaryň ömri, söweş ýoly, edermenligi bilen baglanşykly taryhy maglumatlary içgin öwreniň, olardan görelde alyň, Watanymyzyň, Ýaragly Güýçlerimiziň gahrymançylykly taryhyny baýlaşdyryň!

– Biz merdana ata-babalarymyzyň watansöýüjilik, gahrymançylyk, ynsanperwerlik däplerini her bir tutumlarymyzda dowam etdirmelidiris.

Türkmenistanyň Prezidenti,
Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.

Sözler